# Eýrany sarsdyran teraktda agzalman galan ýene bir duşman bar

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Eýrany sarsdyran teraktda agzalman galan ýene bir duşman bar
EÝRANY SARSDYRAN TERAKTDA AGZALMAN GALAN ÝENE BIR DUŞMAN BAR

Eýranyň atom bombasynyň atasy saýylýan Muhsin Fahrizade teraktynyň Ysraýyla ýöňkelmegi we munuň bilen baglanşykly Ysraýyla «terrorist döwlet» diýilmegi, näderejede dogry ýa-da ýalňyş… bu boýunça jedelleşere zat kän.
Bir zady ýatdan çykarmalyň: Eýrandaky mollalar režiminiň düýp maksady Ysraýyl döwletini dünýäniň kartasyndan ýok edip aýyrmakdyr. Olaryň çykarmaga çalyşýan atom bombasynyňam gönderilmek islenýän adresi aç-açan belli. Özem telim gezek bu bet pygylyň maksadynyň Ysraýyla garşy gönükdirilendigi Eýranyň döwlet ýolbaşçylary tarapyndan biperwaýlyk bilen gös-göni aýdylypdy.
Ahmedinejat muny iň köp agzan liderdi. Ondan soňky gelen täze liderlerem muny gaýtalamakdan ýadamadylar.
Eýran şol bir wagtyň özünde dowamly diýen ýaly Siriýanyň çäklerinde ýarag ammarlaryny gurup, Ysraýyla garşy front liniýasyny gurmaga taýýarlanýar. Şonuň üçinem Ysraýyl Russiýa bilen baglaşan ylalaşygynyň çäklerinde özüne howp hasaplaýan ýarag we harby bazalaryny ýol üstünde we ammarlarda ýok etmäge ýaýdanyp duranok.
Hut Türkiýänin serhetden aňyrda geçirýän operasiýalary arkaly özüne duşman we howp hasaplaýan PKK bazalaryny bombalaýşy ýaly… PKK Türkiýe üçin nähili howp bolýan bolsa, Eýranyň «Kuddus batalýonlary» we «Rewolýusion brigadalary» Ysraýyla şonça howp salýae we olary herekete geçmezden ýok etmek gerek. Bu harby we syýasy kararlylykdyr. Bu ýaşaýyş ugrunda alnyp barylýan söweşdir. Ýogsam bolmasa, Ysraýyl bilen ýeke garyş

hem serhetleşmeýän Eýranyň Ysraýyl bilen bölüşip bilmeýän zady barmy, olar Siriýada ornaşyp Ysraýyly ýok etjek ýarag bazalaryny toplamagy nämäniň alamaty? Eýran munuň bilenem çäklenmän, Liwandaky çybanbaşy «Hizbullah» terrorçylykly guramasyny we onuň lideri Hasan Nasrallahy, şeýle-de Gazzäniň terrorçylykly guramasy «Hamasy» Ysraýyla garşy ýaraglandyrýar we maliýe goldawyny berýär.

Ýagny, Ysraýyl daş-töweregini gurşap alan şunça duşmançylykly halkany görmezden gelip, ol özüni intellektual saýýanlaryň özüne «terrorçy döwlet» diýäýmesin diýip, döwletiň we raýatlarynyň howpsuzlygyny howp astynda goýar öýdýän bolsalar-a, herkes ýalňyşýar.

Ne jöhitler, ne-de Ysraýyl döwleti bu ugurda oýun oýnanok indi. Kim bu döwlete garşy gidermen bolsa, başy beladadyr. Näme sebäp bilenem bolsa… Muny men aýdamok, muny Ysraýylyň Goranmak ministri we premýer-ministri açyk aýdýar.

Geleliň, bir alymyň janyna kast edilip öldürilmegi etiki taýdan dogrumy diýen meselä. Haýsydyr bir alymyň narkotiki serişdeleriň önümçiligine goşulmagy etika nähili ters gelýän bolsa, hut şol alymyň köpçülikleýin gyryş ýaragyny öndürmegi-de etika düýbünden ters gelýär. Bu sözlerime geljek jogaplary eýýämden çaklaýaryn. Ýeri, Ysraýyl bilen Amerikanyň ýadro ýaraglarynyň bolmagy näderejede etika gabat gelýär?

Aradaky kiçijik tapawudy size görkezmek isleýärin. Ysraýylyň ýadro ýaraglary birnäçe ýyl bäri bar, ýöne muny ençeme ýyllap bilen-goýan bolmady. Özem Ysraýyl hiç bir döwleti ýa-da duşmanlaryny bu ýaraglar bilen gorkuzjak bolmady we «siziň baryňyzy birden ýok ederin» diýmedi. Emma Eýran muny telim gezek diýdi. Aradaky tapawut şu:

Eýranyň niýeti düzüw däl.

Hemmelere ýatlatmak isleýärin. AKP hökümetine we özüni syýasy yslamçylara garşy gidýän hem-de özüne sosialist ýa-da kommunist diýýänleriň – agzyndan “imperialistler” sözüni düşürmeýänleriň diňe Erdogana we AKP-ä garşy gidýändigine seredip, jöhitlere we Ysraýyla dostdur öýtmäň.

Olaryň ilkinji pursatda Ysraýyla “terrorçy döwlet” myjabatyny atmakdan gaýtmaýandyklaryny aýtmak isleýärin.

Hem mysal hökmünde saýlawlarda çepçi partiýalara ses berýän ysraýyllylary öz dosty hasaplap, jöhitlere dostdugyny nygtaýarlar. Kim diýseňiz, ýoldaş Merdan Ýanardagyň adyny tutsam gowy bor.
Merdan beý, Ysraýyl terrorçy döwletlere garşy söweşen ýurtdur. Ysraýylyň Muhsin Ýanardagy öldürip-öldürmändigi-de, heniz belli däl. Şonuň üçin bu babatda gutarnykly netijä gelmegiňiz dogry bolmasa gerek.
Galyberse-de, Eýranyň ýeke-täk duşmany Ysraýyl däl. Eýranyň daş-töweregine göz aýlap, onuň duşmanlarynyň kimlerdigini ýekän-ýekän görersiňiz, ýurduň Eýrandan ar almaga synanyşýan birgiden möjekleriň arasynda oturandygyny görersiňiz.
ABŞ, kürtler, azeriler, saudlar, Bahreýn we Birleşen Arap Emirlikleri… Ýene kimler, kimler… Bu terakty kim amala aşyranam bolsa, goňşularynyň ýardamy bolmazdan 62 adamlyk hakynatutma ganhorlar toparyny bir pursadyň içinde asmana uçurmazdylar.
Agzalman galan ýene bir duşman bar, olam – eýranlylaryň özi. Ýa-ha halkyň içindäki eýran häkimiýetinden nägile toparlaryň, ýa-da gönüden-göni häkimiýetiň öz içindäki toparlaryň bu teraktda eli bar.
Dessine Ysraýyla müňkürlik edip, barmagyňyzy çommaltmaň, haýyş edýärin. Hormatlamak bilen…
Indiki ýazgymda aňsatlyk bilen garalanýan imperializm temasynyň üstünde durup geçeris, eger isleseňiz.

Rafael SADI.

01.12.2020 ý, Odatv.com Publisistika